Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## 3.DODAK ÇEKIMLILERININ ÝAZUW DÜZGÜNI

### a) O, Ö DODAK ÇEKIMLILERINIŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**21-nji gönükme.** *Sözleri öz aýdylyşy ýaly birnäçe gezek okaň.* O, Ö *dodak çekimlileriniň haýsy bogunlarda eşidilýandigini we ýazylandygyny aýdyň.*

Orak, dolak, oglan, ördek, çörek, kömelek, Ýoldaş, uýan, duýar.

Sözleri depderiňize göçüriň.

**Uýan** sözüniň manysyny sözlükden okaň.

* * *

**22-nji gönükme.** *Göçüriň. içinde* o, ö *dodak çekimlileri bolan sözleriň aşagyny çyzyň we olaryň haýsy bogunda ýazylandygyny aýdyň.*

1. Omar döwek döwýär. Onuň ýanyna ýokarky ýol bilen gitmeli.

2. Ojaryň dogany çopan. Ol owlak, guzy bakýar.

O, Ö dodak çekimlileri sada sözleriň diňe birinji bognunda ýazylýar. Soňky bogunlarda eşidilseler- de ýazylmaýar. Meselem: ojar, oglan, börek, öser, ýoldaş, uýan boýag.

Pomidor, direktor ýaly sözlerde o dodak çekimlisi soňky bogunlarda-da ýazylýar.

Türkmenkultur.com

**23-nji gönükme.** *Okaň we göçüriň. Içinde* o, ö *dodak çekimlileri bolan sözleriň aşagyny çyzyň.*

**AKYLLYJA OGLAN**

Oraz akyllyja oglanjyk.onuň ýoldaşlary-da özi ýaly akyllyja.

Gözel, Kömek, Omar, Oraz dagy hemişe bile oýnaýarlar.

*Aşagyny çyzan sözleriňizde* o, ö *dodak çekimlileri haýsy bogunlarda ýazylypdy?*

* * *

**24-nji gönükme** *Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözlerdäki* o, ö *dodak çekimlileriniň aşagyny çyzyň.*

1. **Horaz** gygyrdy. **Öwez** ýerinden turdy. Ol **çörek** iýdi, çay içdi.

2. Sen **ýowşan, ojar, sözen** ýaly ösümlikleri bilýarmiň?

3. Ejem **dolama** bişirýär.

*Aşagyny çyzan sözleriňizde* o, ö *dodak çekimlileri haýsy boganda ýazylypdyr?*

**Ojar, sözen sözleriniň** manysyny sözlükden okaň.

* * *

**25-nji gönükme** *Sözleri okaň. Bularyň ikinji bognunda haýsy çekimlileriň eşidilýändigini we haýsy çekimlileriň ýazylandygyny aýdyň.*

Golak, jöwen, göçer, möjek, çörek, bolar, goşar, köşek, dowar,

oglan, toşap, söker, ojak, kömek, kömelek, Nöker, hoşa.

0, Ö *dodak çekimlileri sözüň haýsy bognunda ýazylýarlar?*

Turkmenkultur.com

## 26-nji gönükme . *Sözleri okaň we göçüriň. Bularyň ikinji bognunda haýsy çekimlileriň eşidilýändigini we haýsy çekimlileriň ýazylandygyny aýdyň.*

Ýowar, duýar, ýokary, goýar, ýokaňc, boýag,
ýolar, uýan, oyanmak.

* * *

## 27-nji gönükme *Nokatlaryň ýerine degişli çekimlileri ýazyp, sözleri göçüriň.*

Çor..k, bor..k, ogL.n, örd..k, ýow...r, dow...r, döw...k, çök...rmek, dok...mak, tok...ý, gork...k, doy...r, soý...r, elini çoý...r.

O, Ö *dodak çekimlileriniň diňe birinji boganda ýazylýandygy ýadyňyzda bolsun.*

* * *

## 28-nji gönükme *Suratlaryň adyny depderiňize ýazyň.*







**Nusga:** *Owlak, ...*

Ýazan sözleriňiziň. ikinji bognunda haýsy çekimliler eşidilýär. we olara derek haýsy çekimliler ýazylýar?

## 29-nji gönükme *Göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli çekimlileri ýazyň.*

| | | |
|---|---|---|
| Torg...ý | dol. ..k | guý...r. |
| Guş. ..k | bör.. .k | doý...r. |

| | | |
|---|---|---|
| Örd. ..k | duş. ..k | köp...ler. |
| Dog... n | ýow...r | gurj...k. |
| Ut...nç | öwr... trnek | bur...mek. |
| Uý...t | guş...mak | uý...lmak. |

Bu sözleriň ikinji bognunda haýsy çekimlileriň eşidilýändigini aýdyň.

**Dolak, ýowar** sözleriniň *manysyny sözlükden okaň.*

*guşamak*

**30-nji gönükme** Sözlemleri okaň. Has gara ýazylan sözleri göçüriň.

**1. Gözel** ikinji klasda okaýar. Ol **oňat okaýar.** Gözeliň **dogany goýun çopany.**

**2. Biz ýola** düşdük. **Nöker** tüýdük çalyp bilýär.

3. **Omar aga möjek** tutupdyr.

4. **Kömek aga ojak** gazýar.

**Soraglara dilden jogap beriň**

1. Göçüren sözleriňizi aýdaňyňyzda, olaryň ikinji bogunlarynda haýsy dodak çekimlilerini eşidýärsiňiz we olara derek haýsy çekimliler ýazylýar?

2. Bu sözleriň her biriniň näçe bogunlydygyny aýdyň.

* * *

**31-nji gönükme** *Şygry labyzly okaň. Birinji bogunlarynda* o, ö *dodak çekimlileri bolan sözleri göçüriň.*

**BEÝIK OGLUŇ KYBLASY** SEN

Gerçek türkmen esgeridir,

Atamyrat Nyýaz ogly.

Turkmenkultur.com

Serdar ogluň pederidir,

Atamyrat Nyýaz ogly.

Watan üçin bolan jeňde,

Göz görkezip boldy öňde

Edermendi oňde-soňda,

Atamyrat Nyýaz ogly.

Halkym diýip berdi jany,

Iliň-guňuň mähribany.

Boldy türkmen gahrymany,

Atamyrat Nyýaz ogly.

Adyň uzar asyrlara,

Şugla salar pasyllara.

Nusga bolar nesillere,

Atamyrat Nyýaz ogly.

*H. Allamyradow.*

Şygry ýat tutuň.

Turkmenkultur.com

* * *

**32-nji gönükme** *Okaň. Has gara ýazylan sözleri göçüriň. Göçüren sözleriňiziň. ikinji bogunlarynda haýsy çekimlileriň eşidilýändigini we haýsy çekimlileriň ýazylandygyny aýdyň.*

## ÝAŞ GEOLOGLAR

Paýtagtymyzyň çagalar we ýetginjekler köşgünde "Ýaş geologlar" döredijilik birleşigi işleýär. Birleşigiň agzalary Diýarymyzyň dürli ýerlerinde bolýarlar.

Olar **geologiýa** boýunça geçirilýän bäsleşige gatnaşýarlar. Körpe geologlaryň işi hakynda **radioda, telewizorda** gürrüň berýärler.

*Göçüren sözleriňiz ýaly sözlerde o dodak çekimlisiniň ikinji we soňky bogunlarda-da ýazylýandygyny unutmaň.*

* * *

**33-nji gönükme** *Şygry labyzly okaň we has gara ýazylan sözleri göçürip alyň.*

**TALLARYM**

Meniň eken tallarym,

**Boýuny** ýetiripdir.

Depesinde her säher

Al daňy atyryp dur.

Suwda **görüp** suratyn

**Zülplerini** daraýar.

Men mekdebe ugrasam,

**Olar öýe ýöreýär.**

*Ý. Agageldiýew.*

**Tal** *sözüniň manysyny sözlükden okaň.*

1. Göçürip alan sözleriňiziň. birinji bognunda haýsy dodak çekimlileri ýazylypdyr?

Turkmenkultur.com

2. Bu sözleriň ikinji bognunda haýsy çekimliler eşidilýär, haýsy çekimliler ýazylypdyr?

3. O, ö çekimlileri sözleriň haýsy bognunda ýazylýar?

* * *

**34-nji gönükme** *Özüňizden birinji bognunda* o, ö *dodak çekimlileri gelip, ikinji bognunda olar eşidilseler*-de, a, e *ýazylýan 12 sany söz tapyp, depderiňize ýazyň.*

**Nusga:** *Oglan, ördek,...*

Turkmenkultur.com